# Señ ýeriñ başga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Señ ýeriñ başga SEÑ ÝERIÑ BAŞGA

Arzuw, hyýal… bary bölek-büçeklik,
Mähir berseň ömürbaky seýik men.
Zyňsaň kesek, bassaň toprak, çöketlik,
Gola alsaň seniň bilen beýik men.

Asyl keşbim gözleriňde janlanar,
Özge düşmez meniň bolýan halatym.
Senli ýeňiş, ýogsa ýürek daglanar,
Arzuwlarma sen bolarsyň ganatym.

Kalbyňa jaýlansa direler ölüm,
Ajal kär edermi ölmejek yşga.
Dinim hemme adam deň diýýär welin,
Şonda-da, il-günden seň ýeriň başga.

Ahmet ARAZOW. Goşgular